От Народа Японии

Полноправные люди.
Устойчивые страны.

# WORD-DA RESMINAMANY NÄDIP DÖRETMELI, ÝAZMALY, ÝATDA SAKLAMALY WE ÝAPMALY

Microsoft Word programmasy profesional taýdan taýýarlanan resminamalary döretmek üçin ulanylýar. Word ady iňlis dilinden terjime edilende "Word -Söz" diýmekdir. Bu programmany ulanyp, islendik çylşyrymly resminamalary aňsatlyk bilen döredip, redaktirläp we tertipläp bilersiňiz.

Bu sapagyň soňunda özüňiz resminama döredip, teksti ýazyp we Word-da ýatda saklap bilersiňiz. Munuň üçin

<u>1-nji ädim</u> : Iş stolunda ýa-da "**Пуск**" (Başlamak) menýusynda Microsoft Word-y açyň.




<u>2-nji ädim:</u> Microsoft Word Size resminama nusgasyny ýa-da boş resminamany teklip eder. Siz "**Новый документ**"(Täze resminama) saýlaýarsyňyz.



Ekranda täze boş resminama açylar we siz tekstiňizi ýazyp bilersiňiz.



<u>3-nji ädim:</u> Resminamalary işläp gutaranyňyzdan soň, ony kompýüteriň ýadynda saklamaly. Munuň üçin ýokarky gurallar panelindäki **«Файл»** goýmasyna giriň we “**Сохранить как**" (Ýatda saklamak) saýlaň.




<u>4-nji ädim:</u> Täze resminamanyň ýerleşýän ýerini saýlaň, mysal üçin **“Компьютер – Рабочий стол”** (“Kompýuter - Iş stoly).



5-nji ädim: Resminamanyň adyny ýazyň, soňra “**Сохранить”** (ýatda saklamak) düwmä basyň.




6-nji ädim: Indi siz resminamany ýapyp bilersiňiz. Resminamany ýapanyňyzda, programma “**Сохранить**” (ýatda saklamalymy) diýip sorar we siz şony saýlaň.



Bu maglumat Size peýdaly boldumy?

Hawa Ýok

#mendowrebap #modern #вногусовременем #turkmenistan #turkmen #ahal #ashgabat #mary #lebap #balkan #dashoguz #turkmenoglan #turkmengyzy #turkmentalyp #bizturkmen

Bu sapaklar Ýaponiýanyň hökümeti tarapyndan maliýeleşdirilýän, Turkmenistanyň zähment we ilaty durmuş taýdan goramak Ministirligi we Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy bilen hyzmatdaşlykda BMG ÖM-sy tarapyndan ýerine ýetirilýän Ýaşlar taslamasynyň çäklerinde işlenilip düzüldi.